**Güljemal GARAÝEWA**

# BAGTLY DÖWRÜŇ BÄGÜLI

*Goşgular, aýdymlar*

**Aşgabat - 2014**

UOK
H

H **Garaýewa Güljemal.**
**Bagtly döwrüň bägüli** (Goşgular, aýdymlar).

Güljemal Garaýewanyň ady türkmen teatr sungatynyň muşdaklaryna-da, edebiýat jemgyýetçiligine-de ýakyndan tanyş bolsa gerek. Ol dürli ýyllarda türkmen teatrynyň sahnasynda döreden çeper keşpleri bilen tomaşaçylaryň söýgüsini gazandy. Güljemalyň goşgulary ýurdumyzyň gazet-žurnallarynda yzygiderli çap edilip, okyjyary begendirýär. Ýurdumyzyň baýramçylyk dabaralarynda, radioýaýlymlarda, teleýaýlymlarda çykyş edýän aýdymçylaryň, zehinli çagalaryň dilinde ýaňlanýan joşgunly aýdymlary halkymyza ruhy lezzet berýär.

Şahyr zenanyň şu kitabyny “Bagtly döwrüň bägüli” diýip atlandyrmagy ýöne ýere däl. Sebäbi, bu kitapda ýerleşdirilen goşgularda, aýdymlarda Hormatly Prezidentimiz, mähriban Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň öz halkyna peşgeş beren berkarar döwleti, bagtýarlyk zamanasy joşgunly wasp edilýär.

Güljemalyň goşgulary watançylyk, raýatlyk, belent ahlaklylyk, söýgä wepalylyk many-mazmuny, şahyranalygy, duýga baýlygy, durmuşylygy bilen okyjyny özüne çekýär.

TDKP № KBK

© Garaýewa Güljemal, 2014

# GOŞGULAR



## Bitarap Watanym Türkmenistanym

Eziz ilim parahatlyk toý tutýar,
Bitarapdyr Türkmenistan watanym.
Ýylba-ýyldan abraýymyz artýar,
Asudadyr Türkmenistan watanym.

Ýüz segsen bäş ýurduň tugun parladýan
Gahrymandyr Türkmenistan watanym.
Ylalaşyk ýörelgesin ýöredýän
Mähribandyr Türkmenistan watanym.

Ýylba-ýyldan kuwwatlanýar, batlanýar,
Berkarardyr Türkmenistan watanym.
Gözelligňi gören haýrana galýar,
Gülleýär, gül açýar eziz Watanym.

Toý-baýramda myhmanlary mähirli
Gujak açyp garşylaýar Watanym.
Dost-dogana toý pişmeler seçende,
Saçagyny giňden açýar Watanym.

Goý, mydama toýuň-toýa ulaşsyn,
Asudadadyr, bitarapdyr Watanym.
Ýaşyl Tugum arş deňzinde parlasyn,
Gahrymandyr, mähribandyr Watanym.

## Bagtyýar döwürden nurlanýar Watan

Ýurdumyz abadan, asuda Watan –
Topragyň astynda aslymyz ýatan.
Ata-babalarmyz jandan jan gatan,
Beýik ogullardan beýgelýär Watan.

Binalarmyz bir-birinden beýgelip,
Aksakgal gojalar barýar begenip,
Ýaş-juwanlar toýa barýar bezenip,
Bagtyýar döwürden nurlanýar Watan.

## Prezidentimde gördüm

Haç parzyn berjaý kylany,
Hajy bolup geleni,
Hak halary bolany
Prezidentimde gördüm.

Bilim ýolundan ýörän,
Ylym älemne garan,
Arkalydan är dörän –
Prezidentimde gördüm.

Uçarda gökden garan,
Halkyň halyny soran,
Gala deý daşyn goran
Prezidentimi gördüm.

Bedew atyn oýnadan,
Bagt mukamyn saýradan,
Il-halkyny ýaýnadan
Prezidentimi gördüm.

Bu gün älem haýrana,
Şeýle Ogly saýlana,
Halk daşynda perwana
Prezidentimi gördüm.

## Sag bol, eziz Arkadag!

Öz iline sereden,
Derman kitap döreden,
Melhem edip ýaradan,
Sag bol, eziz Arkadag,
Sag bol, Howandarymyz!

Jan saglygňa seredýän,
Saglyk ýoldan ýöredýän,
Dertlere derman edýän,
Sag bol, eziz Arkadag,
Sag bol, Howandarymyz!

Sport çäreler geçýäs,
Bedenmizi berkidýäs.
Şypaly otlar bilen,
Saglygmyzy berkidýäs.

Zähmet sapaklarmyzda
Ülkämizi öwrenýäs.
Sizden görelde alyp,
Diýarymyz gülledýäs.

Sag bol, eziz Arkadag,
Sag bol, Howandarymyz!
Ýedi yklyma ýaýrandyr
Lukmanlyk kitabyňyz.

## Türkmendigime buýsandym

Soka salnyp döwüldim,
Degirmende üweldim.
Hamyr ýaly ýugrulyp,
Halallykdan doguldum.

Ata pendin hakladym,
Haram zada bakmadym.
Pederden miras galan
Dilim, dinim sakladym.

Käte suwda gark boldum,
Käte otlarda ýandym.
Şükürim kän Hudaýa,
Türkmenligme buýsandym!

## Bilim

Biliň!
Meniň adym – bilim!
Ýagtylykdyr meniň ýolum.
Tümde galan bendeleri
Çekip çykar meniň golum.

Maksat tutup okasaňyz,
Bagta ýetir meniň ýolum.
Otda-suwda bekeseňiz,
Tagta ýetir meniň ýolum.

Biliň!
Meniň adym – bilim!
Öwrenseňiz – geňdir dilim.
Meň ýolumyň dowamaty –
Älem ýaly giňdir ylym.

Syrly dünýäň açary men,
Küteklerden gaçaryn men.
Yhlas bilen gol berene –
Bagta ak ýol açaryn men.

Zulumlyk ýok meň ýolumda,
Zalymlyk ýok meň ýolumda.
Maksat-myrat, arzuw-hyýal,
Niýetler päk meň ýolumda.

Sowatdan başlanýar bilim,
Bilimden açylýar ylym.
Ylym açýar: giň älemi,
Älemden giň ynsan kalbyn.

## Eziz mugallymlarym

Meniň mähir gözli mugallymlarym,
Meniň bägül ýüzli mugallymlarym!
Siziň hemmäňizi ýürekden söýýän,
Durmuşda hut size meňzäýsem diýýän!

Ak mekdepde mähir bilen garşylap,
Edep-terbiýe hem bilim berdiňiz.
Şatlygmyza şatlyk goşup elmydam,
Perzentleriňiz deýin eziz gördüňiz.

Eziz mugallymlam, durkuňyz bilen
Akyl-paýhassyňyz, edepsiňiz siz.
Bize nusga siziň ömür ýoluňyz,
Görüm-görelde hem mekdepsiňiz siz.

Ýatlaýaryn sizi işde hem öýde,
Ýatlaýaryn sizi ýasda hem toýda.
Ýatlaýaryn – çagalary göremde,
Ýatlaýan – çagama edep beremde.

Ýatlaýan – ýeňişler ýar bolan wagty,
Has beter ýatlaýan – ýalňyşan çagym!
Siziň bilen meniň ýollarym ýagty,
Siz meniň daýanjym – arkamda dagym!

Eger men suratkeş bolsadym,
siziň
Ölmez-ýitmez keşbiňizi çekerdim.
Heýkeltaraş bolsam,
her biriňize

Dirilikde ýadygärlik dikerdim.
Siziň beren öwüt-nesihatlarňyz
Gaýtalap-gaýtalap, aňa siňdirýän.
Soň nesilden-nesle geçirmek üçin
Aňymdan ýürege – gana siňdirýän.

Men size uýuplar dünýäni duýdum,
Kalbyma älemiň röwşenin guýdum.
…Meniň ýüregimde Älem aýlanýar:
“Şol Älem, mugallym, sizsiňiz!” diýdim.

## Bagtyýar döwrümiň uçurymlary

Döwletbaşy täze Perman eçildi,
Bilimde buýsançly ýollar geçildi,
Internetli köp ulgamlar seçildi,
Bagtyýar döwrümiň uçurymlary.

Ak ganatly arzuwlara beslenip,
Ýaşlar joşýar: „Watan!“ diýe seslenip,
Ýaryşlarda üstün çykar bäs gelip,
Galkynan Watanmyň uçurymlary.

Akyldar danalaň aňyndan döräň,
Älemiň daşyndan tilsimler saran,
Müňlerçe kitaplar siz üçin döräň,
Watanmyň geljegi – uçurymlarmyz!

Gül Watanyň gül gadyryn bilmeli,
Erte siz Watana eýe bolmaly,
Mugallym edebi mekdep bolmaly,
Watanmyň guwanjy – uçurymlarmyz.

Gül Watanyň gujagynda ýaýnaň siz,
Elmydam şatlykda gülüp-oýnaň siz,
Dahan içre ballar ezip saýraň siz,
Watan şeýdalary – uçurumlarmyz.

Watan size ynam bilen  seredýär,
Siziň üçin ýagty geljek döredýär,
Bilim, saglyk syýasatyn ýöredýär,
Sagdyn, berek bedenli uçurymlarmyz.

Gadamlarňyz batly, ýagty ýollarňyz,
Gaýratdan guşakly bolsun billerňiz,
Bagtly boluň, bagtly bolsun illermiz,
Watanmyň daýanjy – uçurymlarmyz.

Kalbyňyza salyň nuruny Hakyň,
Nirä uçsaňyz hem Watan diýp bakyň,
Ylym şerbetinden köňlüňiz ýakyň,
Siz Watan eýesi – uçurymlarmyz.

Güljemal söz açyp, göwnüni hoşlar,
Sizi görsem göwnüm gül aça başlar,
Siz üçin kalbynda şygyr nagyşlar,
Watanyň ýaşlygy – uçurymlarmyz.

## Sözüm hem sazym

Türkmen sazymy diňläp,
Söz hakynda oýlandym.
Zeminden Arşy synlap,
Älem-jahan aýlandym.

Sözüme hem sazyma
Taý tapmadym jahanda.
Sözle, türkmen, sözle sen,
Asal ez-de dahanda!

Hakdan saňa berlen paý –
Türkmen, sende gudrat bar!
Sazlaryňda jady bar,
Sözleriňde hikmet bar.

Sözleriňde owaz bar,
Bahar-ýaz bar sazyňda.
Owazyňda kelam bar,
Saz bar bahar-ýazyňda.

Dutaryňda nama bar,
Gyjagyňda nala bar…
(Şundan uly name bar,
Şundan eziz name bar?!)

Ýer ýüzünde diňlenýär,
Dana sözleriň, türkmen!
Älem içre ýaňlanýar
Şirin sazlaryň, türkmen!

Behiştden çykan owaz –
Sazyňa gurban seniň.
Hak ýürekden çykan söz –
Sözüňe gurban seniň.

Sözüň, sazyň yşkynda
Güljemal joşup gürlär.
Söze hem saza uýup,
Söz bilen aňyn durlar,
Saz bilen kalbyn durlar.

## Şygryýet soltany, pata ber maňa!

Göwünleň soltany, eý, şahyr atam,
Şygyrlarňa gurban, pata ber maňa!
Danalaň ýolunda ýok bolsa hatam,
Akyldar ussadym, pata ber maňa!

Gijeler ýatmanlar garaşdym daňa,
Şygryýet patasyn beräý-dä maňa,
Köňlüm erkime däl, ýalbarýan saňa,
Şygryýet soltany, pata ber maňa!

Senden pata alsam, köňlüm guş bolar,
Şahyryň ýüregi solmaz, ýaş bolar,
Hak sözleri ýazsam, göwher gaş bolar,
Pygamber şahyrym, pata ber maňa!

Hak yşkynda gözden daman ýaş ýaly,
Ýüregimiň sözbaşysyn açyp ber.
Gursagymda petiklenen gözbaşlar,
Köňül köşgüň bagt gapysyn açyp ber!

Nesip etse älem gatyn görer men,
Bagtym çüwüp, bagt atynda ýörer men,
Saba-säher perişde deý örer men,
Köňül içre söz  sandygym açyp ber!

Hak sözlerde Hakyň ýüzi bolmaly,
Hak sözlerde Hakyň gözi bolmaly,
Hak sözleseň, Hakyň özi bolmaly,
Dana atam, inçe ýoly açyp ber!

Öte geçen bolsam, gelermen toba,
Ýagşy dileg etdim şäherdir oba,
Säher dogalarmy ýorsunlar gowa,
Ussat pirim, iman ýolum açyp ber!

Göwünleň soltany, eý, şahyr atam,
Şygyrlarňa gurban, pata ber maňa!
Danalaň ýolunda ýok bolsa hatam,
Akyldar ussadym, pata ber maňa!

## Şahyr atam, öz toýuňy duýup gel!

Pygamber perişdäm, arşdan gaýyp gel,
Ýüregime Hakyň nurun çaýyp gel,
Şygryň hak hossary köňle dolup gel,
Hakyň ýalkan hak patasyn alyp gel!

Uýup şygryýete, uýup Hudaýa,
Şükrüm kändir meniň bu gün Hudaýa,
Ýürek telwas urar, böker sen taýa,
Şahyr atam, öz toýuňy duýup gel!

Köňül guşum dergähiňe uçurdym,
Kalbym ýuwup, zemzem suwdan içirdim,
Ykbalymy synag ýoldan geçirdim,
Ak pataňy şygyr toýňa alyp gel!

Teşne köňle Hakyň yşkyn çaýyp gel,
Ýüregimi yşk alawna çoýup gel,
Güljemaly öz şägirdiň saýyp gel,
Ýürek owazyma gulak goýup gel!

## Täze gün

Säher turup, dogan Güne seretdim,
Ýüze sylyp,  ýüregimi eretdim.
Allaň rehmetinden köňlüm nurlanyp,
Täze güne kalbym içre ýer etdim.

Älem ýüregime nuruny saçdy,
Gözellik nur bolup doldy dünýäme.
Şatlyk kalbym gurşap, göwnümi açdy,
Täzeden garadym durmuş aýnama.

Bägül deý bark urup açyldy göwnüm,
Müşki-anbar ysy saçyldy dünýä.
Kalbymyň nurundan älem minewwer,
Dünýämiň içinde açyldy dünýä.

Dünýäme nur saçyp täze gün dogdy,
Täsin pursat – kalpda ylham oýadan.
Şygyr dünýä indi ýürekden syzyp...
Barça günden şol dogan gün owadan.

*22.10.2007*

## Eneleriň ýüregi

Çagalykdan allalan,
Akja arlyga dolan,
Sallançakda hüwdülän
Eneleriň ýüregi.

Älem-jahanyň yşgy,
Jennetiň köňül köşgi,
Mähir-muhabbet keşbi
Eneleriň ýüregi.

Ýylgyrsa Gün säherli,
Mylaýymja mähirli,
Ýada salar bahary
Eneleriň ýüregi.

Sesleri – ýag ýakymly,
Sözleri dür akylly,
Nuranadan asylly
Eneleriň ýüregi.

Ýagmyr ýagsa, diňdirer,
Daglaň garyn indirer,
Nurun ýere siňdirer
Eneleriň ýüregi.

Aý nurundan döreden,
Melekleri ýaradan,
Ýüreklerde ýer eden
Eneleriň ýüregi.

Müşki-anbar gül ysly,
Mylaýym mahmal sesli,
Aýdan nur ýagýan misli
Eneleriň ýüregi.

Çeşme şildiräp akar,
Zemini suwa ýakar,
Älem düwmesin dakar
Eneleriň ýüregne.

Bu jahana jan beren,
Janyndan janan beren,
Ömür ýola şan beren
Käbeleriň ýüregi.

Dünýe döräli bäri
Adamzat ynsan bary
Ene hüwdüsniň zary,
Gudrat ene ýüregi.

Ene Ýeriň höregi,
Iki dünýe geregi,
Dünýämiziň diregi
Eneleriň ýüregi.

## Sizde bar

Älemiň sallançagy,
Jahanyň toý saçagy,
Ol jennetiň açary
Ene ýüreginde bar.

Ýalkasaňyz ýazyňyz,
Gamgyn çagym güýzüňiz,
Baldan şeker sözüňiz
Mähribanlyk sizde bar.

Älem ýaly ýüregi,
Aýyň, Günüň diregi,
Iki dünýe geregim –
Nuranalyk sizde bar.

Dillermiziň senasy,
Jennetiň hazynasy,
Gözelligiň zynaty
Dünýe-baýlyk sizde bar.

Ýüregmiziň melhemi,
Şahyrlaryň ylhamy,
Älem-jahan ýalkymy
Hakyň yşky sizde bar.

Zeminiň gözelligi,
Älemiň gönezligi,
Danalaryň sözlügi –
Paýhas nury sizde bar.

Pata beren erenler,
Göwrede göterenler,
Gudraty görkezenler
Mährem enelermiz bar.

Ýowuz günüň Ýeňişi,
Düýmazlar aňzak-gyşy,
Kümüş saç belent başy,
Gahrymanlyk sizde bar.

Nur çaýylan gözlerne,
Bal gatylan sözlerne,
Mähir – ogul-gyzlarna,
Ýara wepa sizde bar.

Güller ýaly mähirli,
Güneş ýaly ýakymly,
Kalby ýazly-baharly,
Hakyň keşbi sizde bar.

Ýylgyranda nurana,
Aý-Gün galýar haýrana,
Ýalkym saçýar jahana,
Ýakymlylyk sizde bar.

Süýt-gaýmakdan ýaýylan,
Hakyň nury çaýylan,
Mekleriň neslinden
Peri zenanlarmyz bar.

Toý-tomguda şat bolar,
Ojagynda ot bolar,
Ata-babadan gelýän
Wepadarlyk sizde bar.

Dünýä ýaly giňdirler,
Umman ýaly geňdirler,
Ula-kiçä deňdirler,
Sabyrlylyk sizde bar.

Gamgyn bolsaň duýarlar,
Bagra basyp söýerler,
Halallyga uýarlar,
Asyllylyk sizde bar.

Ene barka bagtlysyň,
Altyn täçli-tagtlysyň,
Hoş geçirýän wagtlysyň,
Dünýe baýlyk bizde bar.

Gije Aý bolup bakar,
Äleme çyrag ýakar,
Säher Gün bolup çykar,
Zemin görki sizde bar.

Aglan çagyň güldürer,
Büdrän çagyň galdyrar,
Hakyň nury ýalbyrar,
Mylaýymlyk sizde bar.

Ýetmeziňi ýetirer,
Bitmez işiň bitirer,
Jeňde ýarag göterer,
Gahymanlyk sizde bar.

Ýow gün tygy bolsa-da,
Syna syh-syh galsa-da,
Otda kükrek ýansa-da,
Merdanalyk sizde bar.

Köňli köşgi-eýwanly,
Çaga ýaly pes pälli,
Bag-bakja saýawanly,
Dünýe-barlyk sizde bar...

## Dünýä dursun – siz duruň!

Bagda bilbil saýramaz,
Janly-jandar ýaýnamaz,
Çaga sesi ýaňlanmaz,
Solsa ene ýüregi.

Gurap-şatyrdap baglar,
Asmandan ýagmaz garlar,
Şirler eňrär, gurt aglar,
Solsa ene ýüregi.

Eneleri goralyň,
Säher salam bereliň,
Ak patasyn alalayň,
Ene käbelermiz bar.

Älem görki – ene Ýer,
Dünýäň durky – eneler,
Dünýä dursun – siz duruň,
Baky ýaşaň, eneler!

## Göresim gelýär

Seni ýatlap, ser salamda yzyma,
Nurly gözleriňi göresim gelýär.
Sen gideliň ýer tapamok özüme,
Käbäm enem, seni göresim gelýär,

Diwardaky asylgy-la suratyň,
Törümize nurun saçýar syratyň,
Ýaşlygymdan büdredi-le gyr atym,
Mähribanym, seni göresim gelýär.

Ýaşlyk edip seni ynjydan bolsam,
Nähak ýüregiňi sanjydan bolsam,
Bagyşla, ejejan, biynjalyk bolsaň,
Neýläýin, men seni göresim gelýär.

Birje pursat didaryňy görmäge,
Razydyryn dünýe malyn bermäge,
Älemi aýlanyp, tenha gezmäge,
Neýläýin-le, seni göresim gelýär.

Behişdiň içinden gözläp tapsadym,
Bagryma basyplar, birje öpsedim,
Älemiň bar güllerin saňa bersedim,
Nurly gözleriňi göresim gelýär.

Razy bolgun, käbäm, razy bol menden,
Ölinçäm parzymy bitirin çenden,
Rahat ýatgyn, käbäm, razy men senden,
Gubruňy bagryma basasym gelýär.

Biribarym, ýalkawersin ylaýym,
Jaýyň jennet bolsun, uçmahdan – paýyň,
Ruhuňa doga edýändir balaň,
Rahat ýatgyn, käbäm, rahat ýat, käbäm!

## Taňryýalkasyn!

Ençe kyn pursady başdan geçiren,
Melhem edip, däri-derman içiren,
Mylaýymja mähir baryn eçilen
Eziz lukmanlara Taňryýalkasyn!

Soňkuja demimi sanap gelemde,
Jadysy bar eken lukman elinde,
Ak niýetli, ak halaty egninde
Lukman hekimlere Taňryýalkasyn!

Süýjüje sözleňiz üzümdenmidir
Ýa gaýzygan gaýmak ýüzündenmidir,
Ýa Allaň kelamy – sözündenmidir,
Bugdaý nan deý söze Taňryýalkasyn!

Haçan gözüm açsam, bar siz gaşymda,
Çap urýaňyz, hozanak siz daşymda,
Mydam sizi täç ederin başymda,
Dertlä derman size Taňryýalkasyn!

Düşünmedim nämeden em berdiňiz?!
Täzeden geldim men ýagty jahana.
Dikeldim men täzeden dem berdiňiz,
Lukman eli bilen ýetdim bahara.
Şygyr ýazdym Güneş bolup bakana,
Ýürek gürledene Taňryýalkasyn!

## Oýanyň!

Ýaz geldi, oýanyň, oglanlar, gyzlar,
Gyrmyz gülälege boýaldy düzler!
Asman çöke düşüp çalýar sazyny,
Zemin gujak açyp cekýär näzini.

Ýaz ýagşyna ýer bilen gök tapyşýar,
Ýyldyrymlar bäs edişip çakyşýar.
Ýazyň gudratyna syn ediň, iller,
Asman-zemin aşyklar deý öpüşýär!

Toprak telwaslanyp, göwsüni gerýär,
Bulutlar gobsunyp, elini serýär.
Bagt bolup ýylgyryp, nurlanýar älem,
Tebigat baharyň hözirin görýär.

Ýaradan bagş eden bu erem bagy,
Ynsana eçilen bu ajap çagy.
Gudrat dälmi eýsem bularyň bary,
Adam, sen – Tebigat!
Şol yşkyň zary.

Munda ýaşap, gözelligi söýmeseň,
Bagryň oýkap, gök maýsa yz goýmasaň,
Yşk meýinden süzüp, jennet duýmasaň,
Guran çöp mysaly çüýräniň galar.

## Pasyllaryň soltany

Pasyllaň soltany, eý, gara gözüm,
Ne boldy gün-günden solýar-la ýüzüň,
Gaýgydan-gussadan dolupdyr gözüň,
Derdiňi paýlaş-a, eý, gara gözüm!

Hakyň gözi bilen söýgi gözlediň,
Hakyň sözi bilen söýgi sözlediň,
Hakyň ýazy bilen ýazyň ýazladyň,
Yşkyň ataşynda ne dymýar gözüň?

Duýdansyz alnymdan Gün bolup çykdyň,
Äleme nur çaýyp dünýäme bakdyň,
Kalbymyň töründen ýyldyrym çakdyň,
Hany janym alan şol gara gözleň?!

Dymsaňam, söýer men tylla güýzümi,
Sen diýip ýazar men her bir sözümi,
Ballara ezilen gara gözüňi,
Wah, söýdüm-ä seniň nurly ýüzüňi!

Pasyllaň soltany, jan gara gözüm,
Köňlümiň köşgünde han gara gözüm!

## Güýzde ýazyň şemaly

Meýmiredip barýan mymyjak şemal
Şahyr ýüregimi eredip barýar.
Ýaňagymdan sypap dabanma çenli
Bütin bedenimde ýer edip barýar.

Tirsildäp duranja terje bedenmi,
Atlaz köýnegimi titredip barýar.
Şemalyň badyna ol tolkun atyp,
Näzijek tenimi eredip barýar.

Mahal-mahal meň synama ýapyşyp,
Mymyk şemal tenim bilen öpüşýär.
Tenim teni bilen käte tapyşyp,
Oýun edýär, zülplerime ýapyşýar.

Gülýakamyň jäheginde gerinip,
Bagjygymdan çekip, giräýjek bolýar.
Şo pursatda dünýäň malyndan geçip,
Seniň gujagyňda eräýjek bolýan.

Neneň onsoň güýz şemalyn söýmejek,
Güýzän paslyň waspyn ýazyp goýmajak.
Diňe men däl güýz şemalyn saýlajak,
Juwanlykda togalanşyp oýnajak,
Şemal bilen şemal bolup oýnajak,
Güýzän wagtym ýaz deý ýazlap güýzejek!

## Akja gar ýagýar

Asmandan tozgalap akja gar ýagýar,
Pamyk ýaly sypap, ýüzüme düşýär.
Bagynda ýetişen ter alma ýaly,
Alma ýaňaklarym gyzaryp „bişýär“.

Ak mahmal düşekli akja meýdana
Togalanyp düşýän şol alma ýaly.
Akja gar – düşegim, ýassyk, ýorganym,
Serimde aklygyň arzuw-hyýaly.

Akja gar nur bolup ýagýar äleme,
Bu görnüşe maýyl bolup garaýan.
Akja garlar ýaňagymda ereýär,
Menem şonda akja gar deý ereýän.

Akja gar bagt bolup başyma gonýar,
Akja gar ýar bolup ýaňakdan öpýär.
...Akja gardan ýürek gozgalaň tapýar,
Akja gardan ýürek rahatlyk tapýar.

## Ýarym

Uzak gidäýseňem, derhal dön-de, gel,
Gözlerim ýoluňda galmasyn, ýarym.
Didaryňdan doýmak barmyka maňa,
Bu aýralyk uzak bolmasyn, ýarym.

Gözlerim gözleýär seni her ýerde,
Didaryňy görmek derman her derde,
Meni goýup gitme gamda-heserde,
Men seniň ter gülüň soldurma, ýarym.

Gijelerne seni gözläp düýşümde,
Hasrat ody alawlady döşümde,
Bagt guşy ganatyn gersin gaşymda,
Bu aýralyk uzak çekmesin, ýarym.

Taňry täk ýaradyp eziz ýarymy,
„Çek – diýp perman bermiş – yşkyň zaryny“,
Gijeler ukusyz şygyr baryny
Bagrym ýere oýkap ýazýaryn, ýarym.

Ýalbarýan, ezizim, yzyňa dolan,
Durmuş gämisinde senem yşkda ýan,
Kalbymyň töründe ömürlik saklan,
Hakyň serpaýysyň, bilginiň, ýarym.

## Ýar erär

Asman penjiresin ýapyp saklasa,
Ýarym ýel-ýagmyra ezilmez ýaly.
Gün şöhlesi bolup gökden jyklasam,
Ýarymyň öýkesi ýazylar ýaly.

Älemgoşar bolsam owadan dünýä,
Öwüşgini kalba çaýylar ýaly.
Söýgimiň ataşy tutaşsa dünýä,
Ýarym gujagymda çoýunar ýaly.

Al-elwan gül bolup açylsam dünýä,
Oň müşküne ýarym meýmirär ýaly.
Kalbyma bark urup, seçilse dünýä,
Anbaryň ysyna ýar erär ýaly.

Gijeler Aý bolup, nur saçsam dünýä,
Girse gujagyma ýarym nur bolup.
Bu dünýäde ýokdur başga armanym,
Gujagymda ýarym erär gar bolup.

## Döneýin

Sen geldiň-de, ýüregimi eretdiň,
Boş göwredim, ýaşaýyşa ýer etdiň,
Men jahana söýgi bilen seretdim,
Mähribanym, seň adyňa döneýin.

Seni küýsäp, gözüm göge dikerdim,
Çirim etmän bagt ýyldyza bakardym,
Hyýalymda adyň şoňa dakardym,
Duýgularmy duýanyňa döneýin.

Gelseň, bagtly bolýan, gelmeseň weli,
Gözlerim gapyda – görmekçi seni,
Idip gitmelimi özüm kerweni,
Mähribanym, seň mähriňe döneýin.

Gel, ezizim, yşk alawyn ýakaly,
Teşne göwünleri mähre ýakaly,
Älem içre bagt boluplar bakaly,
Saçym çöşläp daraýşyňa döneýin.

Ynan maňa, indi mundan gitme ýok,
Sensiz maňa bir ädimem ätme ýok,
Sensiz dünýäň lezzetinden datma ýok,
Yşk ataşly gudratyňa döneýin.

Duýgymyzdan älem-jahan aýlansyn,
Söýgimizden Aý-Gün toýa şaýlansyn,
Bu ýollarda çyn bedewler saýlansyn,
Ýaradanym, ýaradanňa döneýin!

## Perizat

Sözle, perim, sözlemäge hakyň bar,
Seň sesiňde mähirlije ýakym bar,
Gözleriňde  jady bilen hökum bar,
Gözelligiň şasy sensiň, Perizat!

Ummanlaň tolkuny, Günüň ýalkymy,
Gözelligiň haýran edýär her kimi,
Älemi aýlansam – ýedi yklymy,
Periler peýkeri sensiň, Perizat!

Yşka düşdüm, sen söýgimiň ylhamy,
Ýüregim gysanda, sensiň melhemi,
Güneş nurlym al ýaňagy, alkymy,
Ýüregmiň töründe sensiň, Perizat!

Güler ýüzlim, mähirlije gujagyň,
Naz-nygmatdan, nandan doly  saçagyň,
Şamçyragly ýalkym saçýar ojagyň,
Nurdan dörän melegim sen, Perizat!

Seni söýen seň öňüňde baş eger,
Asmanyň Aý nury ýüzüňe ýagar,
Saňa aşyk Güneş täzeden dogar,
Aý-Günüň nurundan dörän Perizat.

Seni birje görmek üçin barmaga,
Seniň bilen bagtly döwran sürmäge,
Söýgim üçin taýyn janym bermäge,
Melekleň-melegi sensiň, Perizat!

Seň mähriňe älem-jahan janlanar,
Bilbiz owaz eýlär, mukam ýaňlanar,
Aýdymlar içre waspyň diňlener,
Behiştiň melegi sensiň, Perizat,
Gözelligňe aşyk ähli adamzat!

## Ýüregim sende

Asman-zemin tapyşaýsa, ezizim,
Söýgimi goraryn, ýüregim sende.
Sowlup geçsin bela-beter, ezizim,
Haka ýalbararmen, ýüregim sende.

Gözelligiň görki seň ýüregiňde,
Ömrüm saňa bagly, ýüregim sende.
Iki dünýe sensiň meniň geregim,
Ynanaý, ezizim, ýüregim sende.

Ykbal ýumagymy çöşläp oýlansam,
Ýüregimiň bagy sensiň, ezizim.
Biziňki deý söýgi ýokdur dünýäde,
Jigerimde janym sensiň, ezizizm.

Asmanyň ak gary seň alkymyňda,
Yklymyň päk nury al ýaňagyňda,
Naryň gyrmyzy suwy bal dodagyňda,
Behişdiň melegi, ýüregim sende.

Söýgim üçin derwüş bolmaga taýyn,
Söýgim üçin ömrüm bermäge taýyn,
Taňrym uzak ömür bersin ylaýym,
Ynanaý, ezizim, ýüregim sende.

Sen hoşlaşsaň, didelemden ýaş akar,
Yşkymyň hasraty dag-daşy ýakar,
Bulutlar çaknyşyp, ýyldyrym çakar,
Köňlümiň köşgi sen, ýüregim sende.

Bürgüt bolsam, sensiň uçar ganatym,
Göwnüm çökse, sen şatlygym, gaýratym,
Hak halasa, iki dünýe halatym,
Ömrüm, durkum, bary ýüregim sende,
Älem-jahan yşky, ýüregim sende.

## Ýüregim gök kürtäň içinde galdy

*Gaňňalyň oýunda Tejende galdy...*
***Kerim Gurbannepesow***

Seni gözläp, läläm, şäherden çykdym,
Gözlerim şol obaň çetinde galdy.
Baýyrlara çykyp, şol oba bakdym,
Gözlerim şol obaň içinde galdy.

Derwüş kimin seni aýlanyp tapdym,
Gözlerim halyçy gözelde galdy.
Owadan gözeliň elinden öpdüm,
Gözlerim gözleriň içinde galdy.

Öri meýdan söküp, gök ýaýla düşdüm,
Gözlerim guýuly obada galdy.
Guýudan suw daşan gözele duşdum,
Gözlerim nowaly guýuda galdy.

Egnime pil atyp, mellere bakdym,
Yzlarym atyzda-çillerde galdy.
Yşkyňda ýürekde ýyldyrym çakdy,
Tagmasy ömürlik jigerde galdy.

Nesibäm – eliňden düýe çal içdim,
Gözlem çal uzadan ellerde galdy.
Şol pursat dünýäniň malyndan geçdim,
Aýtmaly sözlerim dilimde galdy.

Bagtyma begenip şähere gaýtdym,
Gözlerim şol obaň içinde galdy.
Toý sähedin alyp, dolanyp barsam,
Gözlerim özge toý içinde galdy.

Gelnaljy maşynlar obadan çykdy,
Gözlerim gelnaljyň içinde galdy.
Şol pursat gök gürläp, ýyldyrym çakdy,
Ýüregim gök kürtäň içinde galdy...

## Gel, ezizim, ýürek sessiz aglaýar

Saňa köp garaşdym, geçdi aý-ýyllar,
Aramyza düşdi öwrümli ýollar,
Ýalňyz ýada düşýär bagtly günler,
Gel, ezizim, ýürek sessiz aglaýar!

Kirpiklerim bilen ýoluň gyrçaýyn,
Duşmanlarňy söýgim bilen kerçäýin,
Seniň bilen bagtly bolar geljegim,
Gel, ezizim, ýürek sessiz aglaýar!

Maňa seniň gözleriňden doýma ýok,
Söýgiň meni öz erkime goýanok,
Neneň meniň ýürek sesim duýaňok,
Gel, ezizim, ýürek sessiz aglaýar!

Gijeler Aý maňa ýylgyryp baksa,
Yşkyň halkasyny boýnuma daksa,
Asmanda gök gürläp, ýyldyrym çaksa,
Gel, ezizim, ýürek sessiz aglaýar!

Söýgiň şirin aýdymyny aýdaryn,
Ykbalymy söýgim bilen iderin,
Sen gelmeseň, gözüm açyp giderin,
Gel, ezizim, ýürek ýanyp aglaýar!

Alla bizi ýalkaw içinde etsin,
Aşyklar maksadu-myrada ýetsin,
Arzuw baglarymyz bagt bolup bitsin,
Gel, ezizim, nika suwum aglaýar!

## Aýtsana, ezizim, näme üçin geldiň?

Aýtsana, ezizim, näme üçin geldiň?
Köýen ýüregimi täzeden daglap,
Meni küýsäp, görmek üçin geldiňmi?
Jadyly gözleriň mährine baglap,
Yşk ataşym dörmek üçin geldiňmi?

Aýtsana, ezizim, näme üçin geldiň?
Owadan gözleriň içimden geçip,
Meni çişe üzmek üçin geldiňmi?
Soňky ýola ugratmaga "don biçip",
Gözýaşyma dözmek üçin geldiňmi?

Aýtsana, ezizim, näme üçin geldiň?
Jadyly gözleriň erkime goýman,
Ot içinde ýakmak üçin geldiňmi?
Ozalky ýakanyň az görüp doýman,
Ýene ömrüm ýakmak üçin geldiňmi?

Aýtsana, ezizim, näme üçin geldiň?
Ýene-de alnymdan Gün bolup çykdyň,
Yşk ataşda ýakmak üçin geldiňmi?
Jadyly gözleňde ýyldyrym çakyp,
Ýanan köze bakmak üçin geldiňmi?

Aýtsana, ezizim, näme üçin geldiň?
Her kese gözlermi söýmeklik höwes,
Aşyk göz aglasa, durlanar nepes,
Jadyly gözleriň, ýakmasana, bes,
Ýene oda atmak üçin geldiňmi?

Aýtsana, ezizim, näme üçin geldiň?
Şol günäňi ýuwmak üçin geldiňmi,
Gözýaş silim sowmak üçin geldiňmi,
Öz kerebiňe salmak üçin geldiňmi,
Dymma-da, garagöz, näme üçin geldiň?

## Sensiň meniň ykbalym

Sensiň meniň ykbalym,
Sensiň meniň hossarym,
Sensiň meň halasgärim,
Söýenim, söwer ýarym.

Jigerim-janym meniň,
Damarda ganym meniň,
Şatlygym-gaýgym meniň,
Söýenim, söwer ýarym.

Gözlerim gözleriňde,
Demim seniň demiňde,
Ýüregimiň ygtyýary,
Ýarym, seniň eliňde.

Ýaşamasaň ýanymda,
Ýaşaýarsyň aňymda.
Seniň bilen bagtly men,
Sen kalymda – janymda.

Seniň bilen bileje
Ýetsem bagtly döwrana –
Alem-jahan görkana,
Ýaşan ömrüm nurana.

## Gelmezmi?

Geçip barýar ýaşlyk döwrüm,
Ýollar bolsa öwrüm-öwrüm,
Gamgyn çagym diňläp böwrüm,
Ýürek sesim duýmazmy?

Adamzadyň ömri gysga,
Hasrat çekýän iki esse,
Sen asmanda, men zeminde,
Aýym nazar salmazmy?

El uzatsam, elim ýetmez,
Keşbiň göz öňümden gitmez,
Sensiz ak daňlarym atmaz,
Ahy-zarym duýmazmy?

Sensiň meniň Günüm-Aýym,
Birje pursat soraý halym,
Bagyş eýläýin dünýe-malym,
Söwer ýarym gelmezmi?

Seň ýoluňa gül düşäýin,
Gözleriňden ogşaýyn,
Ömürlik bagtly ýaşaýyn,
Meniň bagtym gelmezmi,
Ýürek zarym duýmazmy?

## Ýazgydym

Seniň giden ýollaryňa
Gözüm dikip garaşdym.
Kybla garşy başym egip,
Dileg edip soraşdym.

Ýykylsam-sürüçsem-de,
Saňa tarap dyrmaşdym.
Aramyza tow düşse-de,
Günäňi ötüp garaşdym.

Aýralykdan ýürek ýara,
Rehm eýle söwer ýara,
Gül ömrüm bolsa-da zaýa,
Ýene saňa garaşdym.

Sen gelmeseň, ýalňyz özüm
Öz kerwenmi ideýinmi?
Ahmyr bilen bu dünýeden
Gözüm açyp gideýinmi?

Duýýan bir gün gelersiň sen,
Dözmezimsiň, dözmezim sen,
Meniň bagtym bolarsyň sen,
Ýazgytdaky ýazgydymsyň.

## Derdimi aýtmaga geldim

Bir gözele aşyk boldum,
Wadalaşan ýere bardym.
Basym toý boljagny bildim,
Derdimi aýtmaga geldim.

Kalbynda bar bir ünji,
Gözünden paýrady hünji,
Sähet belläpdir ejesi,
Özgä berjegin bildim.

Kömek eýläň, erenler,
Dadyma ýetişiň, pirler,
Yşgyň jebrini görenler,
Derdimi aýtmaga geldim.

Ýüregimde öçmez oduň,
Ýürek gyssa, tutýan adyň,
Sensiz kime ýeter dadym,
Derdimi aýtmaga geldim.

## Armanym ýok meniň

Göwnüm ganat ýaýyp, guş bolup uçsam,
Sähra baryp, seleň meýdana düşsem,
Tirsek taşlap, tüňçäň çaýyndan içsem,
Armanym ýok meniň.

Dostlam bilen üýşsem oduň daşyna,
Geçsem naz-nygmatly saçak başyna,
Şatlyk goşsam olaň göwün hoşuna,
Armanym ýok meniň.

Aý aýdyň gijeler dutar diňlesem,
Başymy ýaýkap, saza goşup hiňlensem,
Durmuş teşwişinden biraz ýeňlesem,
Armanym ýok meniň.

Ot-çöpleriň müşki başymy aýlap,
Tenekar melhemi bedenme ýaýrap,
Otursam säherde guşlar deý saýrap,
Armanym ýok meniň.

Owlak-guzyň owazyna oýansam,
Gülgün sähraň gül suwuna ýuwunsam,
Ak sakgally gojalara guwansam,
Armanym ýok meniň.

Hydyr gezen çölde şöwürler çeksem,
Derwüş deý keşt edip, dowarlar baksam,
Teşne göwünleri mährime ýaksam,
Armanym ýok meniň.

Sähram, jemalyňa syn edip doýsam,
Söýsem, söýsem, söýsem, ýürekden söýsem,
Şanyňa mynasyp bir şygyr goýsam,
Armanym ýok meniň.

Gülleriň tohumna gatylyp gitsem,
Topragňa garylyp bir möwsüm ýitsem,
Jahandan gitsem-de gül bolup bitsem,
Armanym ýok meniň,
Hiç armanym ýok.

## Täze ýyl gutlagy

Men Sizi şeýle bir gutlasym gelýär,
Sizi mähir bilen ýatlasym gelýär.
Elimde bolsady dünýäň baýlygy,
Baýlyk näme,
Şatlyk paýlasym gelýär!

Hakyň ak garyndan bolan bolsadym,
Dünýäniň ýüzüne aklyk paýlardym.
Allanyň nurundan nurlanan bolsam,
Adamzat kalbyna päklik paýlardym.

Bagt eçilerdiim älem ýüzüne,
Ilki bilen, ene-ata, dost-ýara.
Säginmän kakardym her bir gapyny,
Bagt bolup bakardym eziz Diýara.

Iki müň on bäşim gutly-mübärek,
Täze ýylda täze bagt ýar bolsun!
Öýüňiz abadan, saçagňyz doly,
Ýüzüňizde şatlyk bolsun,
Nur bolsun!

...Men Sizi şeýle bir gutlasym gelýär,
Her öýe bagt bolup ätläsim gelýär.
Elimde bolsady dünýäň baýlygy,
Baýlyk näme,
Şatlyk paýlasym gelýär!

## Gülleriň şasy

*Ezizlerden-eziz doganym Gülälek janyň*
*doglan gününe ýürek arzuwlarym*

Çagalykda arka alyp göteren,
Ýetmeziňi ýeň-ýan bolup ýetiren,
Ýaralarňa melhem çalyp bitiren,
Taňry bize lukman dogan beripdir.

Kyblamyzdan ar-namysy gatylan,
Käbämizden din-imany çatylan,
Ýaz aýlary bal pürkülip açylan,
Baharyň ter güli dünýä inipdir.

Toýuň-ýasyň gerdeninde göterer,
Yhlasyňy bala garyp batyrar,
Ýedi arkaň bu gün ruhuň göterip,
Dileg-dogalarym arşa ýetirer.

Meger Alla aşyk gülüň özüne,
Gözelligin jemlän söwer gyzyna,
Asman magşuk bolan zemin ýüzüne,
Şol pursat Gülälek dünýä gelipdir.

Ene küýsän wagtym senden ganaryn,
Büdrän günüm bir söýenip galaryn,
Bir pursatlyk bolsun ýüze sylaryn,
Enäň ornun tutan dogan beripdir.

Şükrüm kändir meniň bu gün Hudaýa,
Ýürek telwas urar böker sen taýa,
Meňzeş sen dünýämi ýagtyldýan Aýa ,
Sen doganmyň barlygyna buýsanýan.

Mährem enäň dowamy, sen dowamy,
Melhem eneleriň dileg-dogasy,
Taňrynyň eçilen şudur bahasy:
Zemine bagş eden gülleriň şasy.

## Zyýan çekemok

Köp mahallar gezdim dilim çiginli,
Erkana döwürde düwün çözüldi.
Gülýakamda düňňürdedi düwmeler,
Döwür geldi diller saýrap gezmeli.

Goý, diýsinler maňa “şadyýan, dogum”,
Erjellikden, şükür, zyýan çekemok.
Ejiz görsem, goltugyndan galdyrdym,
Ýeňsesinden tutup, lüýge sokamok.

Goý, diýsinler maňa “bolupdyr şahyr”,
Danalar aýdarlar: „Ýanandyr pahyr“,
Her kişä şahyrlyk ýetdirmez ahyr,
Syrdaşym galamdan zyýan çekemok.

Ýalňyz galan çagym şu gylyk bilen
Ýeňip geçdim şol kötelli günleri.
Şahandaz, dogumly bolmadyk bolsam,
Görermidim şu bagtyýar günleri!

## Dost ýangyny

Dostum bilen işledim,
Gadam basyp başladym.
Birje döwüm çöregi
Bölüp, deňje dişledim.

Göwnümi pespäl tutup,
Dosta hormatym artyp,
Çaýyna ballar gatyp,
Dostum bilen işledim.

Soňabaka men ony
Hiç tanaman başladym.
Kalbyma daş atyldy,
Gözlerimi ýaşladym.

Häsýetimi üýtgedip,
„Lepbeý!“ diýe başladym.
Çendenaşa gidensoň,
Başdan aýlap taşladym.

Ýöne welin wyždanym
Agyr derdi göterdi.
Ýene hemram – imanym
„Salam ber!“ diýp getirdi.

Saňa dostlaň gerek bor,
Salan köşgüň bolar dar.
Dostuň geler ýanyňa,
Bar, bar, ýene dostdan bar!

Söwer dostuňdyr ýene
Saňa göwünlik berjek.
Duşman bilen garpyşyp,
Seniň üçin döş gerjek.

## “Ýazma!” diýme maňa

Durmuş gözellikden gaýnap joşýarka,
“Söýme!” diýme maňa,
Söýmäni goýman!
Duýgulam ýagyş deý şaglap ýagýarka,
“Ýazma!” diýme maňa,
Ýazmamy goýman!

Kükrekde ýüregim gürsüldäp durka,
“Söýme!” diýme maňa,
Söýmämi goýman.
Damarda gan dyňzap, ýaryp barýarka,
“Ýazma!” diýme maňa,
Ýazmamy goýman!

Nämüçin göripleň dilleri ajy,
Baglarda ir-iýmiş bal bişip durka?
Nämüçin göripleň möwç alýar güýji,
Ýagşylyk äleme nur saçyp durka?

Danalaryň  paýhas şerbetin içip,
Sözlerni  gözüme sürtsemem doýman.
Ýazan goşgularmy ýyrtyp ýakanyň,
Gözüne galammy dürtsemem doýman!

## Sungaty söýdüm

Durkum bilen söýdüm gudrat sahnaňy,
Köp çeýnedim ajy-süýji ýahnaňy.
Jigerme çümse-de ýüzlerçe tiken,
Gül biten ýürekde çüýreýän eken,
Tikeninde biten gülünem söýdüm.

Sungat diýip bütin ömrüm bagladym,
Gara bagrym gan öýüpler dagladym,
Ýalňyşaýsam, namysymdan agladym,
Ot içinde ot boluplar duwlanyp,
Ýanyp, ýakyp sönen külünem söýdüm.

Gor içinde dişim gysyp işledim,
Nan ýerine duzly sözler dişledim,
Gyzyl-ýaşyl geýinsem-de çişmedim,
Wah, öz etim öz-özüme iýdirip,
Çabyran alawuň sazynam söýdüm.

Düşünerler maňa sungaty söýýän ,
Ol bir gudrat öz erkiňe goýmaýan,
Ýüregim ezilsin, çişe düzülsin,
Şaglap inýän duýgulardan doýmaýan,
Jigerde jyzyrdan közünem söýdüm.

Öwsen ýelleň gyjalatyn getirdim,
Gül göwnüme gül suwundan içirdim,
Ykbal ýolum köp synagdan geçirdim ,
Gülden syýa ýasap, şygyrlar ýazyp,
Bogun ýaryp çykýan sözüňem söýdüm.

Ganat baglap şu sungata geldim men,
Otly köýnek geýenimem bildim men,
Seň yşkyňda bägül bolup açyldym,
Seň yşkyňda gara köýük boldum men!

Bu bir gudrat!
Özün söýdürýän eken,
Söýeniň özünem köýdürýän eken.

## Beýiklere

Buýsanyplar beýiklere
Beýgelesim geldi meniň.
Ylgap çykdym beýiik ýere,
Beýgelerin edip çeni.

Danalaryň kitaplarna
Aklymy aldyryp gördüm.
Beýikleriň ýanlarynda
Ökjämi galdyryp gördüm.

Bolmady, hiç beýgelmedim,
Men olara deň gelmedim.
Onsoň pes  tutup göwnümi,
Çykaryp zyňdym köwşümi.

Dabanym ýere degende,
Duýdum onuň bakylygny
Hem pälim pes tutup,
aldym
Beýikleriň çakylygny.

## Gül rowaýaty

Ýaz aýynyň bir güni,
Bagyň gözel ter güli,
Nätjek, galýar bagbansyz,
Kime umyt baglandyr?!

Şonda mähriban toprak
Bakyp gülüň görküne,
Yhlasyny bagyş etdi
Oň näzijek durkuna.

Söýgi bilen bu toprak
Gülüň ömrün joş etdi.
Söýgi bilen ýaşadyp,
Söýgi bilen ýaş etdi.

Bir gün bir aşyk ýigit
Geldi gülüň ýanyna.
Gülüň nurana keşbi
Ýarady oň janyna.

Ýoljak bolup ter güli,
Eli güle uzady.
Diýdi: "Hoşboý güljagaz
Söýgülimiň bezegi".

Ine, şonda toprakdan
Owaz çykdy ýaňlanyp:
“Degme, oglan, ter güle,
Dünýäm şondan görk alyp,

Nurlanyp dur, nurlanyp,
Ol dünýäniň jemaly.
Gülüň söýgi-yşkyndan
Dünýäm tapýar kemaly!”

Gitdi ýigit ýoluna,
Şudur kalba guýany:
“Bagtly bolar toprakda
Bu topragyň söýeni!”

# BIZ WATANYŇ BALASY



## Biz Watanyň balasy

Bu gün toýa beslenýär
Giň Ahalyň ýaýlasy.
Kalbymyz höweslenýär.
Biz – Watanyň balasy.

Baýlygmyza badalga
Nebit-gazyň hanasy.
Geldik Balkan ilinden,
Biz – Watanyň balasy.

Ruhubelent ýaňlanýar
Daşoguzyň namasy.
Gökderede dynç alýar
Bagtly döwrüň balasy.

Kalbymyz deý joşludyr,
Gör, Jeýhunyň hanasy.
Uly toýa üýşüpdir,
Eziz Watan balasy.

Maru-şahu-jahanyň
Belentdir howalasy.
Biz – dünýäniň bahary,
Biz – Watanyň balasy.

Bu gün dillerde dessan
Gül Watanyň şuglasy.
Kalbymyz gül-gülüstan,
Biz – Watanyň balasy,
Bagtyýarlyk lälesi.

## Watanyma guwanýan

Joram bilen bileje
Her gün mekdebe barýas.
Ýylgyrypjyk çalaja
Mugallyma salam berýäs.

Men kitabym eý görýän,
Mugallymmy eý görýän.
Bilime ýol açmagy
Mugallymdan öwrenýän.

Zähmet sapaklarmyzda
Ülkämizi gülledýäs.
Saglyk ýollardan ýöräp,
Bedenmizi berkidýäs.

Nesip bolsa ulalsam,
Menem mugallym boljak.
Hormatymda saýlansam,
Okan mekdebime geljek.

Mähriban Watanymy
Janymdan eziz görýän.
Bagtyýar zamanamda
Prezidentime guwanýan.

Asuda Watanymda
Bilbil bolup saýraýan.
Men eýjejik gyzjagaz
Watanyma guwanýan.

## Awazanyň kenarynda

Heýjanelek, janelek,
Tomus möwsüm açyldy.
Awazanyň kenaryna
Merjen däne seçildi.

Biz bu ýerde dynç alýas,
Şadyýan oýnap-gülýäs.
El tutuşyp hemmämiz,
Dostlaşyp, dogan bolýas.

Gijelerne aý aýdyň,
Dostlarmy dogan saýdym.
Bagtyýarlyk barada
Küşt depip, aýdýas aýdym.

Hiňňildiklerde uçýas,
Gökde guş bolup göçýäs.
Güneşläpjik çägede,
Deňizde suwa düşýäs.

Hazar deňzim tolkunýar,
Watanymyz galkynýar.
Biz – Watanyň baýlygy,
Onuň tylla balygy.

Asuda Watanymda
Güneş bolsun, nur bolsun.
Ady äleme dolan
Arkadagymyz dursun!

## Aýjäjek-Günjäjek

Aýjäjek-Günjäjek,
Men-ä oýnaýan gurjak.
Güneş ýylgyryp baksa,
Men-ä gök deňiz görjek.

Aýjäjek-Günjäjek,
Basym dynç güni geljek.
Okuwymy tamamlap,
Deňizde gämi sürjek.

Aýjäjek-Günjäjek,
Men-ä balykçy boljak.
Hormatymda saýlansam,
Ussat deňizçi boljak.

Aýjäjek-Günjäjek,
Men-ä gurjagmy goýjak.
Her gün köp kitap okap,
Gök deňzimi öwrenjek.

Aýjäjek-Günjäjek,
Watanymy eý görjek.
Eziz Arkadagymyz,
Sizden görelde aljak!

## Bäbejik

Buşluk, täze Gün çykdy,
Asmandan jäjek çykdy.
Ak bäbegiň sesine
Güneş ýylgyryp bakdy.

Gundaglyja balajyk,
Görseň, akja bäbejik.
Enaýyja, eýjejik,
Görseň, janly gurjajyk.

Ýaňajygyn gyzardyp,
Bökjekledi, oýnady.
Gulpajygyn tasadyp,
Jak-jak gülüp ýaýnady.

Tigirjigin tigirläp,
Begenipjik oýnady.
Topjagazyn togalap,
Kebelek kowalady.

“Keçe-keçe” oýnady,
“Çeke-çeke” oýnady.
“Aýterek hem Günterek”,
Kowalaşdy, doýmady.

Mekdep ýaşly oglanjyk
Top oýnuny goýmady.
Ulalsa-da oglanjyk
Çagalykdan doýmady.

Buşluk, täze Gün çykdy,
Asmandan jäjek çykdy.
Ak bäbegiň sesine
Güneş ýylgyryp bakdy.

# AÝDYMLAR



## Türkmenistanym

Men – perzendiň, gujagyňda ýaýnadym,
Mähriban watanym – Türkmenistanym.
Gözelligňi synlap-synlap doýmadym,
Mähriban watanym – Türkmenistanym.

Sen meň enem – owadan hem mylaýym,
Ykbal senden aýyrmasyn ylaýym,
Gündizler Günüm sen, gijeler – Aýym,
Mähriban watanym – Türkmenistanym.

Howalanýar başy belent daglaryň,
Ýaşyl begres geýinipdir baglaryň,
Jana şypa çeşmeleriň-çaýlaryň,
Mähriban watanym – Türkmenistanym.

Ýaýlalaňda gezer süri mallaryň,
Degresinde mesgen tutar illeriň,
Ajaýypdyr saglyk, asma ýollaryň,
Mähriban watanym – Türkmenistanym.

Gözel leýlisaçlaň zülplerin darar,
Elwan gülälekleň başlaryn yrar,
Oglan-gyzlaň dünýä yşk bolup garar,
Mähriban watanym – Türkmenistanym.

Sähralarňa bezeg berer jerenler,
Çölleriňe pata beren erenler,
Baky aşyk – gözelligňi görenler,
Mähriban watanym – Türkmenistanym.

Ak pagtaň bar,
Nebitiň bar,
Gazyň bar,
Ajap halyň, aýdymyň bar, sazyň bar,
Garaşsyzlyk – sowulmajak ýazyň bar,
Mähriban watanym – Türkmenistanym.

Bagtyýar döwürden täze bat alyp,
Alkyşlanyp, abraý alyp, at alyp,
Baky şöhratlan sen dünýä ýaň salyp,
Mähriban watanym – Türkmenistanym!

## Janym Watanym

Jan Türkmenistan, eziz Watanym,
Gujagyňda ýaýnadym, janym Watanym!

Hyýalbentdim, arzuwçyldym ýaşlykda,
Arzuwlaryň gujagynda ulaldym.
Dünýä has düşündim şygyrlar ýazyp,
Şygryýetiň ummanynda boý aldym.

Gülleýär ýüregim toprak hamana,
Galkynyplar galkynyşly zamana,
Buýsanyplar gül Watanly döwrana,
Ter açylan gunçalykda gül boldum.

Watanyň mährinden nurly gözlerim,
Belentlige ýetmek bolar gözlegim,
Zybanyma sena dana sözleri,
Şoňa uýup, ilim bilen il boldum.

Ynam ody alawlaýar döşümde,
Bagtym ganatyny gerýär gaşymda,
Watanymyň hyjuwynda joşamda,
Durmuş ummanynda güýçli sal boldum.

Jan Türkmenistan, eziz Watanym,
Gujagyňda ýaýnadym, janym Watanym!

## Belentdir Watan

Ir säherden kerwen gurap,
Öz halkynyň halyn sorap,
Barýar Şa köşgüne tarap
Watanymyň Arkadagy.

Şa köşgüne bile ýöräp,
Ene-atasyn sylan Ogul.
Käbesinden, Kyblasyndan
Ak patany alan Ogul.

Sungat şäherçesin guran,
Aýdym-saza sarpa goýan,
Halka halat-serpaý beren
Sag bol, eziz iner Ogul!

*Gaýtalama:*
Watan, Arkadagly, ak şäherli owadan Watan,
Watan, mukaddes sen, abraýly sen, şöhratly Watan.
Watan, ata-babaň mekany sen gadymy Watan,
Watan, sarsmaz galaň, galkyn sen, Watan!

Ata kesbin ýola goýar,
Ýaşululara hormat goýar,
Ýaş nesiller saňa uýar,
Watanymyň Arkadagy.

Alkyş saňa, eziz Ogul,
Gadamyňda bardyr dogum,
Älem saňa haýran bu gün,
Watanymyň Arkadagy.

Alnyňyzda Aý-Gün dogsun,
Türkmen adyň dünýä dolsun,
Agzybirlik höküm sürsün,
Toýlaryňyz gutly bolsun!

Ýagty bolsun ýollaryňyz,
Bagtly bolsun illeriňiz,
Siz diýp saýrar dillerimiz,
Uzak ýaşa, Arkadagym,
Alkyş saňa, Arkadagym!

## Parla, Tugum, parla sen!

Buýsan, Watanym, buýsan,
Bagtyýar zamanaň bar.
Buýsan, Watanym, buýsan,
Dünýä belli Tuguň bar.

Ýaşyl Tugum, parla sen,
Bu gün Watan toý tutýar.
Parla, Tugum, parla sen,
Nur saç ýagty jahana!
Bagtyýar zamanada
Arkadagly halkym bar.
Parla, Tugum, parla sen,
Älem galsyn haýrana!

Bäş welaýat – bäş dogan,
Beýik türkmen adyň bar.
Sözleriňde hikmet bar,
Sazlaryňda jady bar.

Tuguň äleme ýaýýar
Türkmen diýen adyňy.
Tuguň äleme ýaýýar
Galkynyşly badyňy.

Buýsan, Watanym, buýsan,
Buýsanmaga hakyň bar.
“Aladam – halkym!” diýýän
Eziz Arkadagym bar.
Ata-baba agzybir
Ruhubelent halkym bar.

## Ogul beripdir

Türkmen abraýyny arşa göteren,
Dermanlyk kitabyn halka ýetiren,
Müňlerçe ynsanyň göwnün göteren
Türkmene Baş Lukman Ogul beripdir.

Il ýüküni gerdeninde göterýär,
Daýhanlaryň armasyny ýetirýär,
Serpaý ýapyp, hormatyňy ýetirýär,
Türkmene howandar Ogul beripdir.

Bedew münüp, gyr atyny oýnadýar,
Öz halkyny erkinlikde ýaýnadýar,
Aýdym-sazyň owazyny saýradýar,
Öz ilini söýen Ogul beripdir.

Hak Hossarmyz mähriňizden ganarys,
Galkynyşdan galkynyplar galarys,
Ömürboýy ondan nusga alarys,
Türkmene görelde Ogul beripdir.

Ýollarňyza ak güllerden düşelsin,
Ýer ýüzüni türkmen göller bezesin,
Şan-şöhratyň ýedi yklyma ýaň salsyn,
Kerwenbaşy iner Ogul beripdir!

## Ata çyksa Arkadag

Dünýä belli adyň bar,
Ýüwrük bedew badyň bar,
Şöhradyň bar, şanyň bar,
Ak bedewli Arkadag.

Oguz han gaýratyň bar,
Görogly gyr atyň bar,
Ol Hakdan halatyň bar,
Sahawatly Arkadag.

Bedew batly Watanda
Toýlar-toýa ulaşýar.
Berkarar döwletimde
Türkmen ilim bagtyýar.

Bedewlermiz ýaryşýar,
Bilbiller şat saýraşýar,
Ulus-ilim şatlanýar,
Ata çyksa Arkadag.

Gojalarmyz guwanýar,
Enelermiz begenýär,
Türkmen ilim şatlanýar,
Ata çyksa Arkadag.

## Arkadagly Watan, toý gutly bolsun!

Bagtyýar Diýarym toýa başlaýar,
Aýdym-sazyň dabarasy dag aşýar,
Bagşy aýdym aýdýar, şahyrlar joşýar,
Mähriban Watanym, toý gutly bolsun!

Goý, mydama güneş bolsun, nur bolsun,
Türkmen adyň älem-jahana dolsun,
Owadan Watanym taryhda galsyn,
Arkadagly Watan, toý gutly bolsun!

*Gaýtalama:*
Ata Watanymyzyň Köpetdagy bar,
Müň nygmat eçilýän bagt bagy bar,
Öz halkyny söýýän Arkadagy bar,
Şanly Garaşsyzlyk toý gutly bolsun!

Toý gününde kejebeler bezelýär,
Gelnaljylar monjuk ýaly düzülýär,
Bagt köşgünde toý saçagy ýazylýar,
Bagtyýar Watanym, toý gutly bolsun!

Goý, mydama güneş bolsun, nur bolsun,
Türkmen adyň älem-jahana dolsun,
Berkarar Watanym baky gül açsyn,
Gahrymanly Watan, toý gutly bolsun!

## Bagt hakynda aýdym

Aýdym bolup dolaýyn bu jahana,
Humaý guş deý ballar ezip dahana,
Ganat ýaýyp bu bagtyýar Watanda,
Bagtly bolup aýdym aýdasym geldi.

*Gaýtalama:*
Gör, neneňsi, Watanymyz ajaýyp,
Sen hakynda aýdym aýdaryn söýüp,
Eziz Diýar senden bormuka doýup,
Arkadagyň waspyn edesim geldi,
Bagt hakynda aýdym aýdasym geldi.

Ses goşdum bilbilleň şat owazyna,
Ygşyldaýan gök maýsalaň sazyna,
Aşyk boldum gülälekli ýazyňa,
Ýazyň söýüp, aýdym aýdasym geldi.

Seýil edip çykdym dagy-düzlere,
Gözüm düşdi läle kakýan gyzlara,
Sesim goşup dutar-gyjak sazyna,
Bagtly bolup aýdym aýdasym geldi,
Watan hakda aýdym aýdasym geldi,
Arkadagyň waspyn edesim geldi.

## Bagtly döwrüň gadyryn bilip ýaşalyň!

Bagtly döwre köp garaşdy illerimiz,
Şeýda bilbil bolup saýrar dillerimiz,
Bagta tarap uzap barýar ýollarymyz,
Arkadagyň gadyryn bilip ýaşalyň.

*Gaýtalama:*
Halkymyz agzybir, asuda Watan,
Ilimiň alnyndan ak daňlar atan,
Türkmeniň ýoluna ak güller biten,
Arkadagyň gadyryn bilip ýaşalyň.

Paýhasly gojalar, hyjuwly ýaşlar,
Ulus ilim Arkadagy alkyşlar,
Türkmen beýikligin äleme buşlar,
Berkararlyk bagtyn bilip ýaşalyň,
Arkadagyň gadyryn bilip ýaşalyň.

Ak mermer binalar gözleriň agy,
Al-ýaşyl yşyklar kalbymyň çogy,
Ykballar oýanyp galkynan çagy
Bagtly döwrüň gadyryn bilip ýaşalyň,
Arkadagyň gadyryn bilip ýaşalyň.

## Maslahat köşgüniň açylyşyna gutlag

Bagtly döwre köp garaşdy nijeler,
Ýüzleri nurana mährem ejeler,
Dilleri senaly dana gojalar,
Döwletli köşgüňiz mübärek bolsun!

Arkadagym göwnüňizi göterdi,
Köşgi açyp, arzuwňyza ýetirdi,
Ak pataly ýollar köşge getirdi,
Arzyly köşgüňiz mübärek bolsun!

Bu binada Oguz hanyň keşbi bar,
Arkadagyň ýüreginiň yşgy bar,
Diýarymda ýaşulular köşgi bar,
Agzybirlik köşgi mübärek bolsun!

Arkadagyň gurup beren binasy,
Ýaşululaň dilleriniň senasy,
Altyn-zer çaýylan köşgüň galasy,
Maslahat köşgüňiz mübärek bolsun!

## Bagtly döwrüň gelin-gyzlary

Älem-jahany aýlanyp,
Gülleň içinden saýladym.
Gelin-gyzlar şu aýdymmy
Şanyňyza bagyş eýledim.

Pasyllaň bahar-ýazlary,
Kölleriň guba gazlary,
Bagşylaň aýdym-sazlary –
Ülkämiň gyz-gelinleri.

Uzyn boýly, nar ýaňakly,
Egni köz atlaz köýnekli,
Ýakasy bagjyk-jähekli,
Gülgün geýnen zyba gyzlar,
Bägül ýüzli uz gelinler.

Kirpigi ok, gaşy keman,
Her sözi janyňa derman,
Görmedikler çeker arman,
Uz gelinler, näzli gyzlar.

Bagtyýarlyk döwrümiziň
Şadyýan gelin-gyzlary.
Ülkämiň gelin-gyzlary,
Türkmeniň gyz-gelinleri.

## Bagt köşgünde toý tutýan ýaşlara

Bagt köşgüne assa ýöräp,
Goşa juwan ýaşlar gelýär.
El tutuşyp bileje,
Goşa gumry ýaşlar gelýär.

Çal, sazanda, joş, bagşy,
Şatlanyp garşylalyň!
Hak aşyk-magşuklaryň
Ýollaryna gül düşäliň.

Ýaşlaryň bagt toýunda
Asman depregin çalýar.
Älem-jahan şatlanyp,
Bagt toýun toýlaýar.

Nika gyýlan gijäňiz
Törüňize bagt baksyn.
Ýyldyzlar nurun seçip,
Hydyr gapyňyz kaksyn.

Iki ýürek bir bolsun,
Sözleriňiz dür bolsun,
Gazananňyz zer bolsun,
Toýuňyz gutly bolsun!

## Ýaşasyn türkmen sporty!

Berkarar döwlet gurýan,
Halkyny eziz görýän,
Sport şäherçe gurýan
Eziz Arkadagym bar,
Bagtly türkmen ilim bar.

Saglyk ýoldan ýöreden,
Bagt ýoldan ýöreden,
Sportda nusga döreden
Beýik Arkadagym bar,
Sagdyn beden halkym bar.

Türgenleşýäs aýki-do,
Kim saýlaýar tekwan-do,
Höwesjeňler hapki-do,
Ruhubelent halkym bar,
Ussat Arkadagym bar.

Şaşka hem küşt ýaryşda,
Pälwanlarmyz göreşde,
Altyn medallar döşde
Lowurdaýar ýeňişde,
Türkmen türgenlermiz bar.

Gel, suwda ýüzjek diýseň,
Hokkeý oýnajak diýseň
Ýa buzda typjak diýseň,
Sport toplumlary bar,
Ussat Arkadagym bar.

*Gaýtalama:*
Gol, gol, gol, ýaşa, futbol,
Gol, gol, gol, ýaşa, gandbol,
Ýaşa, ýaşa, woleýbol,
Ýaşa, ýaşa, basketbol!

## Türkmen sportuna şöhrat!

Dünýä çempionatyna
Bäş yklymdan geldiler.
Aziýadan, Ýewropadan
Ýaş türgenler doldular.

Pälwanlar göreşýär,
Janköýerler el çarpýar.
Türkmen ilim begenip,
Älem-jahan şatlanýar.

Türkmen pälwanlarymyz
Ýeňişlere ýar bolýar.
Türkmeniň şan-şöhrady
Ýedi yklyma ýaň salýar.

Parla, Ýaşyl Baýdagym,
Nur saç älem-jahana!
Bu gün ilim toý tutýar
Arkadagly Watanda.

Pälwanlar ýeňişde,
Altyn medallar döşde.
Gutly bolsun baýragyňyz,
Gutly bolsun baýramyňyz!

Türkmen sportuna şöhrat,
Pälwanlarmyza şöhrat,
Türkmen türgenlerne şöhrat,
Türkmen ilime şöhrat!

Ýaryşlarda ýeňişde,
Ýaşyl Tuguma şöhrat!
Sakasynda  Baştutan
Arkadagyma şöhrat!

## Awazam, sen owadan!

Ummanlar deý gök deňizim tolkunýar,
Toý toýlaýan türkmen ilim galkynýar,
Arkadagly bagty çüwen halkym bar,
Lowurdaýan Awazam, sen owadan,
Jennet mekan – Watanym, sen owadan!

*Gaýtalama:*
Hazarymyň aýdymy bar, sazy bar,
Çarlak guşlar, altyn balyk, gazy bar,
Biziň ilde şol jennetiň özi bar,
Lowurdaýan Awazam, sen owadan,
Ballar akýan gök deňizim owadan!

Aýna ýaly gök deňizim arassa,
Ýüz görünýär gök asmana seretseň,
Bedeniňe şypa tapýarsyň ýüzseň,
Lowurdaýan Awazam, sen owadan,
Arkadagly Watanym, sen owadan!

Aýly gije ýyldyzlaryň astynda
Älemgoşar çüwdürimler saz çalýar,
Hazar deňziň ýüreginiň üstünde
Awazada türkmen ilim şatlanýar,
Lowurdaýan Awazam, sen owadan!

## Harmana gel, harmana!

Buşluk, ak bugdaý bişdi,
Gallaçy daýhan üýşdi,
„Jondeerler“ karta süýşdi,
Harmana gel, harmana!

Harmanlaň başy gökde,
Daýhan ýer işe ökde,
Telpek zyň göge bök-de,
Harmany gör, harmany!

Gallaňy söwraý diýseň,
Gowurga gowraý diýseň,
Un eläp, ýugraý diýseň,
Harmana gel, harmana!

Ine, saňa desterhan,
Iýjek diýseň bugdaý nan,
Goreý diýseň gahryman.
Harmana gel, harmana!

Bugdaý başlar tolkunýar,
Watan sizden galkynýar,
Hoşalarmyz silkinýär,
Harmany gör, harmany!

Watan beýik harmanly,
Görmedikler armanly!

## Magtymguly, oýan, zamanaň geldi!

Bu gün toý toýlaýar bagtyýar halkym,
Bize nazar saldy gudratly Hakym,
Täze Gün alnymdan saçyp dur ýalkym,
Türkmene Arkadag howandar boldy.

Türkmeniň alnyndan bagtly Gün dogýar,
Asmanymyz arassa, ondan nur ýagýar,
Agzybir ilimiz bu gün bagtyýar,
Türkmene Arkadag howandar boldy.

*Gaýtalama:*
Magtymguly, oýan, zamanaň geldi,
Türkmene Arkadag howandar boldy.

Danalar-danasy beýik Pyragy,
Şygyrlaň bendi etdi ýakyn-yragy,
Magtymguly, söz äleminiň çyragy,
Oýan, arzuw eýlän zamanaň geldi,
Türkmene Arkadag howandar boldy,
Berkarar döwletim bagtyýar boldy.

## Mährem eneler

Enelerdir bu zeminiň bezegi,
Enelerdir bu älemiň diregi,
Enelerdir bu dünýäniň ýüregi,
Zeminiň görki siz, mährem eneler.

Eneler ýylgyrsa, açylýar güller,
Eneler ýylgyrsa, saýrar bilbiller,
Eneler ýylgyrsa, bagtly her günler,
Zeminiň görki siz, mährem eneler.
Eneler, eneler, mährem eneler,
Älemiň nury siz, mährem eneler.

Gelin-gyzlar sizden görelde alar,
Eneler balasyn ak ýola salar,
Arkadagly Watanda siz bagtyýar,
Älemiň görki siz, mährem eneler.
Eneler, eneler, mährem eneler,
Zeminiň görki siz, mährem eneler.

## Eneleriň hüwdüsi

Ata-baba many bar,
Manylar ummany bar,
Ömürleň imany bar
Eneleň hüwdüsinde.

Hüwdülerde jady bar,
Sallançagyň bady bar,
Körpäň göwün şady bar
Eneleň hüwdüsinde.

Gün nurunyň çogy bar,
Sallançagyň bagy bar,
Çagalygyň çägi bar
Eneleň hüwdüsinde.

Tebigat nagma kakar,
Nurly Aý nurun döker,
Jennet çyragyn ýakar
Eneleň hüwdüsinde.

Ýylgyrşy bar çagalaň,
Açylşy bar gülleriň,
Owazy bar bilbilleň
Eneleň hüwdüsinde.

Alyslara ýaň düşer,
Bag başlary yranar,
Giň jahan uka gider
Eneleň hüwdüsinden.

Bagtyň täji eneler,
Tagtyň täji eneler.
Dünýä dursun – siz duruň,
Baky ýaşaň, eneler!

## Käbäm, seni küýseýän

Säher bilen Güne salam beremde,
Mähir beren ejemjany küýseýän.
Kümüş saçly eneleri göremde,
Ak süýt beren ejemjany küýseýän.

Tamdyra nan ýapýan enäni görsem,
Gyzgyn tamdyr çöregiňi küýseýän.
Dokma darak kakýan enäni görsem,
Keşde çeken elleriňi küýseýän.

Un elärdiň kendirigiň üstünde,
Pişme ýaýan elleriňi küýseýän
Saçak ýazyp, çaý demlärdiň dessine,
Elleriňden içen çaýym küýseýän

Obada sagymçy enäni görsem,
"Höwlim" diýen şol sesiňi küýseýän.
Çagajyklaň oýnap ýörenni görsem,
Çagalygmy ýatlap, seni küýseýän.

Bagtyýar zamanda bagtly Watanda
Perzentlik parzymy ödäp ýaşaýan.
Mähriban käbämi her demde ýatlap,
Ak süýt beren käbäm, seni küýseýän.

## Ýaşasym gelýär

Ýatlasam käbämiň ýyljak gujagny,
Çaga kalply bolup ýaşasym gelýär.
Ýatlasam gyzgynjak tamdyr çöregni,
Halallykdan dolup ýaşasym gelýär.

Sallançak bagyny barmagna orap,
Alaja işerdi sapagyn sarap,
Ukusyz gijeler çagasyn üwräp,
Hüwdülerne siňip ýaşasym gelýär.

Barmak basyp, kitap baryn okadan,
Keçe basyp, tara-dokma dokadan,
Çagalykdan beýnimizi bekeden,
Edep-ekram bilen ýaşasym gelýär.

Ene gudratyndan aýlanýar Älem,
Daň säher Aý Güne berýändir salam,
Her gün didaryny görmesem arman,
Säher salam bilen ýaşasym gelýär.

Älemiň Aý-Güni seniňki bolsun,
Zeminiň bar güli seniňki bolsun,
Akmaýaly ýollar seniňki bolsun,
Ýoluna gül düşäp ýaşasym gelýär.

Owadan zamanda owadan bolup,
Eneleň baryny gutlasym gelýär.
Käbämiň mähriban perzendi bolup,
Söýülip hem söýüp ýaşasym gelýär.

## Baharda

Baharyň gülleri şeýle owadan,
Baýyrlara çykyp ýygsam ýuwadan,
Doýsaň melhem ýaly tämiz howadan,
Ýazyň güllerine meňzäsim gelýär.

Gökje maýsaň hüwdüsine üwrelsem,
Togalanyp, ýörjen çaga öwrülsem,
Ýaz ýagşyna, tämiz howa ýuwulsam,
Ýazyň damjasyna meňzäsim gelýär.

Pyntyk ýaryp, gülälek deý açylsam,
Adamlaň kalbyna bagt eçilsem,
Yşk mülküniň şasy – gül jemaly deý
Gülleň jemalyna meňzäsim gelýär.

Yşkyň gudratyndan döränsiň, adam,
Ýazda çagalyga dolanýar adam,
Ýazyň bihuş edýgän lezzetin dadan,
Jennetiň gülüne meňzäsim gelýär.

Zeminiň bar ýazy siziňki bolsun,
Älemiň bar sazy siziňki bolsun,
Ýüregmiň owazy siziňki bolsun,
Türkmen baharyna meňzäsim gelýär.

## Gözleýe-gözleýe

*Halk aýdymynyň äheňinde*

Eje jan, bir ýigit gördüm,
Aşyk gözleýe-gözleýe.
Suw daşamda kömek sordum,
Aşyk gözleýe-gözleýe.

Daň säher işe geçende,
Her gün gelip çaý içende,
Egni pilli Gün ýaşanda,
Bakar ýylgyra-ýylgyra.

Ýylgyranda göwnüm açar,
Ýüregime şöhle saçar,
Köçämizden her gün geçer,
Oglan gözleýe-gözleýe.

Oglan bagymyza girip,
Alma-narymyzdan tirip,
El uzatdy salam berip,
Durdy derleýe-derleýe.

Toý-dabarañ pälwany,
Obamyzyň gahrymany,
Toý tutmasam, men armanly,
Ýürek aglaýa-aglaýa.

Derek boýlym – deregim meň,
Iki dünýä geregim meň,
Eje, toýa rugsat berseň,
Älem ýylgyra-ýylgyra,
Ilim şatlana-şatlana.

## Oba gyzynyň aşygy men

Ak otagda assa ýörän,
Aýna bakyp, saçyn daran,
Käte-käte ogryn garan
Oba gyzynyň aşygy men.

Şamar saçy ýere düşer,
Joralarnyň bary üýşer,
Gaýma gaýap, sapak işer,
Çeper gyzyň aşygy men.

Uzyn boýly, al ýaňakly,
Güneş nurly, bugdaý reňkli,
Ýakasy bagjyk jähekli,
Asyl gyzyň aşygy men.

Asly ahal-teke gyzy,
Baldan şeker her bir sözi,
Ýada salar bahar-ýazy,
Gözel gyzyň aşygy men.

Iş edende ýeňil gopar,
Alawladyp odun ýakar,
Hamyr ýugrup, çörek ýapar,
Mährem gyzyň aşygy men.

Toýlara bezenip çykar,
Ýylgyrsa, ýyldyrym çakar,
Aşygyna ogryn bakar,
Asyl gyzyň aşygy men.

*Gaýtalama:*
Aşygyna ogryn bakar,
Asyl gyzyň aşygy men.

## Ezizim

Seniň bilen bir saçagyň başynda
Oturanmyz ýadyňdamy, ezizim?!
Perwana deý pyrlanypdyň daşymda,
Süýji günler ýadyňdamy, ezizim?!

*Gaýtalama:*
Ýyldyzlary synlap, daňa çen ýatman,
Şem ýakanmyz ýadyňdamy, ezizim?
Kirpiklermiz-kirpiklermize gatman,
Oturanmyz ýadyňdamy, ezizim?!

Mukaddes ojakdan ýüregiň sowap,
Malyň-mülküň goýup gitdiň, ezizim.
Özgäň saçagynda barmyka sogap,
Ojagyňy taşlap gitdiň, ezizim.

Belki, ýene oturansyň şem ýakyp,
Gara gözlerimde arman, ezizim.
Ökünersiň, ökünersiň, sen ýene,
Öçen söýgim hiç dolanmaz, ezizim.

Söýgimizi Aýyň ýüzüne ýazsam,
El uzatsaň, eliň ýetmez, ezizim!

## Saňa garaşdym

Her agşam gözüme çiş kakylan deý,
Daňa çen, ezizim, saňa garaşdym.
Ýürekde ýyldyrym-ot çakylan deý,
Jöwlan urup, ýarym, saňa garaşdym.

Azanyň sesine Hak Alla uýup,
Ýoluňa göz dikip, saňa garaşdym.
„Ýalňyz halasgärim – perişdäm!“ diýip,
Hudaýa ýalbaryp, saňa garaşdym.

Aý hem meniň bilen derdin paýlaşyp,
Daňa çen ýatmady – Güne garaşdy.
Men hem: „Belki, Hakyň nazary düşüp,
Günüm dogar!“ diýip, saňa garaşdym.

Säher Gün şuglasy äleme dolsa,
Dünýäm dolan ýaly saňa garaşdym.
Şahada ýetişen ter alma ýaly,
Bagyma baglanyp saňa garaşdym.

Bir pursat Aý Güne nazary düşdi,
Men gözümi süzmän saňa garaşdym.
...Han-ha, Gün aýlanyp, didämde ýaşdy,
Umydymy üzmän saňa garaşdym.

## Nurana Aý

Men wasyny sözläýin
Päk söýginiň gudratyn.
Gije düýşümde gördüm
Hüýr perini-peýkeri.
Nurana Aý,
Sen maňa aýdaý,
Ýyldyzlar içinde barmy maňa taý?!

Al ýaňagy Aý ýaly,
Mende göwni bar ýaly,
Bir seretsem, bar ýaly,
Bir seretsem, ýok ýaly.
Nurana Aý,
Sen maňa aýdaý,
Ýyldyzlar içinde barmy maňa taý?!

Gaýyp bolduň gözümden,
Garap galdym yzyňdan,

Wah, tisginip oýandym,
Söýgiň soňy düýş eken!
Nurana Aý,
Sen maňa aýdaý,
Ýyldyzlar içinde barmy maňa taý?!

## Ynanaý, ezizim, ynanaý maňa!

Bir bakyşda aşyk boldum men saňa,
Söýgimiň jogabyn aýdaý-da maňa,
Ukusyz gijeler garaşýan daňa,
Ynanaý, ezizim, ynanaý maňa!

Seniň gözleriňden maňa doýma ýok,
Söýgim meni öz erkime goýanok,
Neneň meniň ýürek sesim duýaňok,
Ynanaý, ezizim, ynanaý maňa!

Seniň keşbiň ýüregimde göterýän,
Her gezek göremde özümi ýitirýän,
Aýdym bilen ýürek sesim ýetirýän,
Ynanaý, ezizim, ynanaý maňa!

Toý toýlasak, gelnalyjylar batlanar,
Söýgimize älem-jahan şatlanar,
Aşyk ýürek seniň bilen şat bolar,
Ynanaý, ezizim, ynanaý maňa!

## Ýarym ýanymda bolsa

Ýaşlygym ýatlap golaýda,
Ak otagly ak öýde,
Aýdym aýtdyrdym toýda:
"Ýarym ýanymda bolsa..."

Hak eçildi maňa paý,
Her gün törde dogar Aý,
Işden gelsem, gyzgyn çaý,
Ýarym ýanymda bolsa.

Mähirden doly gujak,
Alawlap durar ojak,
Nandan doly bor saçak,
Ýarym ýanymda bolsa.

Eden işiň oň bolar,
Bedew atyň öň geler,
Her gün bagtly gün geler,
Ýarym ýanymda bolsa.

Gijelerne Aý aýdyň,
Men seni bagtym saýdym,
Şanyna aýdýan aýdym,
Ýarym ýanymda bolsa.

## Seniň dünýäň

Seň demiňden dem alyp,
Toýlaň bilen görer men.
Yhlasyňda jem bolup,
Seň bagyňda ýörer men.

Seň nuruňdan boýalyp,
Görküm boldy nurana.
Seň aýaňda aýalyp,
Ulaşyp men döwrana.

Dyrnak bilen ýer sürüp,
Suwarsaň deriň bilen.
Ekdiň gül ne owadan,
Sežde etdim serim bilen.

Ysgap gül-gunçalarňy,
Mähir bilen bakdym men.
Gör-le, seniň dünýäňden
Dünýäň yşkyn tapdym men!

# MAZMUNY

**Goşgular** . . . . . . 3

Bitarap Watanym Türkmenistanym . . . 5
Bagtyýar döwürden nurlanýar Watan . . 6
Prezidentimde gördüm . . . . 7
Sag bol, eziz Arkadag! . . . . 8
Türkmendigime buýsandym . . . 9
Bilim . . . . . . . 10
Eziz mugallymlarym . . . . 12
Bagtyýar döwrümiň uçurymlary . . 14
Sözüm hem sazym . . . . 16
Şygryýet soltany, pata ber maňa! . . 18
Şahyr atam, öz toýuňy duýup gel! . . 20
Täze gün . . . . . . 21
Eneleriň ýüregi . . . . . 22
Sizde bar . . . . . . 24
Dünýä dursun – siz duruň! . . . 28
Göresim gelýär . . . . . 29

Taňryýalkasyn . . . . . . 31
Oýanyň! . . . . . . . 32
Pasyllaryň soltany . . . . . . 33
Güýzde ýazyň şemaly . . . . . 34
Akja gar ýagýar . . . . . . 35
Ýarym . . . . . . . 36
Ýar erär . . . . . . . 37
Döneýin . . . . . . . 38
Perizat . . . . . . . 40
Ýüregim sende . . . . . . 42
Ýüregim gök kürtäň içinde galdy . . 44
Gel, ezizim, ýürek sessiz aglaýar . . 46
Aýtsana, ezizim, näme üçin geldiň? . . 47
Sensiň meniň ykbalym . . . . . 49
Gelmezmi? . . . . . . . 50
Ýazgydym . . . . . . . 51
Derdimi aýtmaga geldim . . . 52
Armanym ýok meniň . . . . . 53
Täze ýyl gutlagy . . . . . . 55
Gülleriň şasy . . . . . . 56
Zyýan çekemok . . . . . . 58
Dost ýangyny . . . . . . 59
“Ýazma!” diýme maňa . . . . . 61
Sungaty söýdüm . . . . . . 62
Beýiklere . . . . . . . 64
Gül rowaýaty . . . . . . 65

**Biz Watanyň balasy . . . . . 67**

Biz Watanyň balasy . . . . . 69
Watanyma guwanýan . . . . . 71
Awazanyň kenarynda . . . . . 72
Aýjäjek-Günjäjek . . . . . . 74
Bäbejik . . . . . . . 75

**Aýdymlar . . . . . . . 77**

Türkmenistanym . . . . . . 79
Janym Watanym . . . . . . 81
Belentdir Watan . . . . . . 82
Parla, Tugum, parla sen! . . . . . 84
Ogul beripdir . . . . . . 85
Ata çyksa Arkadag . . . . . 86
Arkadagly Watan, toý gutly bolsun! . . . 87
Bagt hakynda aýdym . . . . . 88
Bagtly döwrüň gadyryn bilip ýaşalyň! . . . 89
Maslahat köşgüniň açylyşyna gutlag . . . 90
Bagtly döwrüň gelin-gyzlary . . . . 91
Bagt köşgünde toý tutýan ýaşlara . . . 92
Ýaşasyn türkmen sporty! . . . . 93
Türkmen sportuna şöhrat! . . . . 95
Awazam, sen owadan . . . . . 97
Harmana gel, harmana! . . . . . 98
Magtymguly, oýan, zamanaň geldi . . . 99
Mährem eneler . . . . . . 100

Eneleriň hüwdüsi . . . . . . 101
Käbäm, seni küýseýän . . . . . 103
Ýaşasym gelýär . . . . . . 104
Baharda . . . . . . . 105
Gözleýe-gözleýe . . . . . . 106
Oba gyzynyň aşygy men . . . . . 108
Ezizim . . . . . . . 110
Saňa garaşdym . . . . . . 111
Nurana Aý . . . . . . . 112
Ynanaý, ezizim, ynanaý maňa! . . . . 113
Ýarym ýanymda bolsa . . . . 114
Seniň dünýäň . . . . . . 115

**Güljemal Garaýewa**

# BAGTLY DÖWRÜŇ BÄGÜLI

*Goşgular, aýdymlar*

Çap etmäge rugsat edildi 19.11.2014. Ölçegi 60x90 1/16.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 7,0. Şertli reňki ottiski 7,0.
Hasap neşir listi 7,0. Çap listi 7,0. Sany 5.